# Ýalňyz bürgüt

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýalňyz bürgüt ÝALÑYZ BÜRGÜT

Men bu goşgy «Mersiýany» Halk gahrymany Ata Mäneli Berdinýaz oglyna bagyşlaýaryn

Asyrlardan habar alan Kesarkaç
Duşak çaýdan bir är geçdi gördüñmi,
Her demde zalyma edendir darkaç
Duşak oýdan bir är geçdi gördüñmi?

Tejen, deşdi Soltan, Biwerdiñ düzi,
Size düşmedimi aýagnyñ yzy.
Üç asyr ýaşagan gulanlañ gözi,
Ajap soýdan bir är geçdi gõrdüñmi?

O daglarda däli silleñ akymy,
Mälik Ajdar babañ kerem hökümi
Haweranyñ piri dana häkimi,
Mäne babam, bir är geçdi gördüñmi?

Soradym guşlaryñ saýrak sesinden,
Asylly ärleriñ köñül pesinden,
Ol Päwi pälwanyñ gül nepesinden,
Gara taýly bir är geçdi gördüñmi.

Soradym men barça haýyr işlerden
Merdi tanan dana akyl başlardan,
Soradym namyrat, gözde ýaşlardan,
Hüýlere ta:ý bir är geçdi gördüñmi?

Soradym müñ ýaşan çynar ýaşyndan,
Başy garly daglañ ala daşyndan,
Ýiti göz bürgütleñ gözde ýaşyndan
Ýalñyz bürgüt geçdi şony gördüňmi?

Murgap ýaýlasynyñ ulus il güni
Tokaýlarnyñ ürküp uçan sülgüni
Gowşutbendiñ syrdam başly ýylgyny,
Señ saýañy bir är guçdy, gördüñmi.

Soradym men egrem kötel ýollardan.
Teşneler gandyran suwly källerden
Daglañ serhedinden midýan çöllerden,
Nöwrek çaýdan bir är geçdi gördüñmi?

Ýüregimde ornuñ baky diri sen
Hen hyrly sen hem hyrlynyñ tiri sen
Ýigrim üç ýyl ömrüñ müñ ýyl şiri sen,
Jennet ta:ýa bir är geçdi, gördüñmi.

* * *

▶ Juwan görner

Ýaz gelse garlar eräp
Derýalar daşa başlar.
Jan girenne begenen
Toprak hem joşa başlar.
Ryzk derýasy möwç urup
Gök öwser ala daşlar,
Gojalaram ýigdelip
Bu pasyl juwan görner.

Gök gbürrdäp asmandan
Tebl urup nagra başlar.
Hamyladar jandarlar
Köpeler, seýre başlar.
Zemine yşga düşen
Gün gyzar howra başlar.
Ömrüm bahara meñzäp
Eşretli döwran görner.

Dünýä parahat bolsa
Akar ylmyñ çeşmesi.

Jylawlap bent urmasañ
Bardyr nebsiñ çişmesi.
Akylsyzlyldan nyşan
Ynsan , hetden aşmasy,
Oýnagyñ ýarag bolsa
Rahatlyk guman görner.

Ynsan, ýagşy gylygyñ
Nesilleñ rahadydyr.
Berk tut edep jylawyn
Sypsa jan apatydyr.
Ylymly sagdyn nesil
Watan dowamatydyr.
Arş üzre ýöriş edip,
Äleme seýran gurlar.

Bilin guşap säherden
Daýhanlar işe başlar.
Her tohumy müñleşip
Şinelär, çişe başlar.
Bugdaýlar tiz ýetişip
Hasylly hoşa başlar.
Orak g:er, döwek döwler,
Bugdaýly kerwen görner.

▶ Köňlüme

Gam gussaña bendi bolup ýatma sen
Oýan köñlüm, gapyda dost sesi bar.
Oýatmaga ejap edip gitmesin,
Daýan köñlüm, gapyda dost sesi bar.

Gelipdir gapyña Öz göwnün ýykyp,
Dünýelikdir nebsiñ jylawyn çekip.
Söhbet çemenini boýnuna dakyp.
Oýanawer, gapyda dost sesi bar.

Öz gussasyn gizläp göwnüñ alarly.
Dert egsişip jana şypa bolarly.

Misli gülli meýdan, ýaşyl sonarly,
Guwanawer, gapyda dost sesi bar

Dört aty bar barysyda jylawly.
Biri sabyr aty gözli alawly
Biri takat, yhlas,gaýrat gylawly
Oýanwer, gapyda dost sesi bar.

Bu atlaryn hemra edip ýanyna
At salyp ýör gerdan çekip janyna
Başyn büräp merdanalyk donuna
Oýanawer, gapyda dost sesi bar.

Söhbet eýle, ömür ýazlary hakda.
Oglanlygyñ oýun bazlary hakda.
Dost gymmaty egsilmesin ojakda,
Oýanawer, gapyda dost sesi bar.

▶ Ýunus Emrä öýkünme

Diýe diýe

Ene ýapdan akar suwlar,
Akar Alla diýe diýe.
Bag bakjamyz ýakar suwlar,
Ýakar Alla diýe diýe.

Şerbet suwy jana şypa.
Toprak ganyp gurbat tap:a.
Ýaşyl mahmal köýnek tik:e,
Tiker Alla diýe diýe.

Süýtli bulut ýagar baran,
Çöl düzi bor, jaran-jaran,
Honha bir owlakly jeren,
Böker Alla diýe diýe.

Ne gam galar, ne-de gussa,
Käşki gussadan iş bitse?
Bagt öñümden assa-assa,

Çykar, Alla diýe diýe.

Gutly döwlet gutly zaman,
Ýowuz günden aman-aman).
At capmaz bagt çapar heman,
Çapar Alla diýe diýe.

Nygmaty bar köl içinde
Misli derýa, sal içinde
Gulak sal, durna göçende
Ģöçer Alla diýe diýe.

Daga berer boldum arka,
Dag synasam darka-darka.
Göz ýaşlaryn gorka-gorka,
Döker, Alla diýe-diýe. Goşgular